# Gitmek

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gitmek GITMEK



Oka, Atamyrat agañ setirin,
Belki, senem: «Mamla!» diýersiñ oña.
Gelmejegi başarmarsyñ getirip,
Söýüp bilmedimi, söýgüsiz oñar.
Gelmejek salgym deý añyry süýşer,

Umytly baksañ-da gözleriñ ýaşlap.
Ol geçen günleriñ öwrüler düýşe,
Gelmese, bilmejek ýalysyñ ýaşap.

Kalbyñ içi boşap galan höwürtge,
Garaşarsyñ: gaýdyp geler, ähtimal.
Bagtyñ saña özünden ýüz öwürtmez,
Göwni bölek bolup bilmez mähriban.

Gitjek gider, gitsin, oña diýme: «Gal»,
Goý, gitsin, borjundan boşana meñzäp.
«Ýol bolsun!» diý, eger gitse bimelal,
Ýaşasyn özünden hoşala meñzäp.

Kerwen IGDIROW,
Daşoguz welaýatynyñ Akdepe etrabynyñ 74-nji orta mekdebiniñ mugallymy. Goşgular